# Kakaly günler / hekaýalar toplumy – Küşt

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kakaly günler / hekaýalar toplumy – Küşt

…Işden gelner. Çaý-çörek iýler. Birsellem telewizora tomaşa ediler. Onýança garaňky gatlyşar. Köçedäki sütünlerden asylan uly çyralar öz-özünden ýanar. Nirededir bir ýerde, haýsydyr bir rehimdar jadygöý, adamlar gijesine tümlükden elheder almasyn diýen ýagşy niýet bilen öz jadysyny haýyr işe gönükdirýän ýaly…
…Her kim köçä, çyranyň aşagyna çykýar. Başga sütünleriňem çyrasy ýanyp dursa-da, näme üçindir, edil gädiklerindäki sütüniň aşagyna iki çatryk arasynda ýaşaýanlaryň uly-kiçi diýmän aglaba köpüsi üýşer. Aşyk oýnamaga çykan çagalaram şol ýere oýnamaga geler, top oýnamaga gelen ekabyrraklaram şo taýdadyrlar. “Eşekmündi – Atdüşdi” oýnap ýören degenekler üçinem başga ýer gapyşan ýalydyr. Çäýnek-käsesini goltuklap ýaşulularam görner. Küşt ýa-da şeşe-beş alyp orta ýaşanlaram jemlener.
Onsoň başlanar. Adaty bir, oba köçesiniň iki çatryk arasynyň ilkagşamky güýmenjesi däl-de, edil ýöne, her gün küşt boýunça dünýä çempionatynyň jemleýji tapgyry geçirilýän ýalydyr. “Utulan çykdy” şerti bilen bir döw oýnalýan küşt tagtasynyň başyna her kes iň bolmanda bir gezeg-ä geçip görer. Pil bilen pyýadany çala saýgarmagy ýaňy öwrenen elhallardan başlap, eger-de çynlaryna çykaýsalar hum çäýnek çaýy äwmän-alňasaman içer salym hatda Kapablankanyň hut özünem aljyradyp biläýjeklere çenli çöp dikerler.
Emma, oýun nähili gyzza-gyzza gitse-de, günde bolşy ýaly, ahbetin, şowsuzlyga uçranlaryň ählisini daşlaryna egele edip, tagtanyň başynda ataly-ogul ikisi galar. Sebäp diýseň atasa-ha, eýýäm haçan şondan kyrk ýyl owal, heniz jahyl döwri ýetginjekleriň arasynda ýurduň birinjiligini almagyň

hötdesinden gelen türgen, oglam üç ýaşyndan başlap, ilki çyzgy çyzmaga “azar bermesin” diýip başdan sowmak üçin göçüm öwredilen, biraz soňrak bolsa dartgynly hem çynaberimsiz bäsleşilip başlanan, kakasynyň tälimini alan öwrenje. Günde-de uzaga çeken dartgynly döw birmeňzeş tamamlanar. Kakasy utar-da, henizem özüniň gorküýzesinde gorunyň tükenmändigini özüne subut edendigine monça bolýany mese-mälim bildirip, arkan-ýüzin gaýşyp, gerner. Hamana dokuz-on ýaşly gögeläni däl-de Lasker, Alehin, Botwinnik, Karpow, Kasparow hem-de sadranjyň mäligi As-Suly dagylaryň ählisini bilelikde çep eli bilen ýüzüniň ugruna ýeňip goýberen ýaly, howandarlyk bilen oglunyň başyny sypar. Degişmekden ötri, keýpiçaglyk bilen:
-Bar, oglum! Git-de ejeňden küşt oýnamany öwrenip gel!-diýen bolar.
Töwerekdäkiler bu degişmäni günde eşitselerem her gün ilkinji gezek eşidýän ýaly gyzyl-gyran gülşerler. Kakasyna görä ýaşkiçileriň alçagragy bolsa:
-Pylan kaka, näme gelnejemizem küşdi gowy oýnaýamy?!-diýip sowal beren bolar.
Adaty wagt munuň ýaly sowal üçin soranjaňyň tumşugynda mäş ekibermeli etmäge taýýar gyzma kakasy bolsa göwnühoş gülümsirär-de:
-Aý inim, sen bizlerden şü gelnejeň başarýan zadyny däl-de başarmaýan zatlaryny sora. Şonda maňa sanamak aňsat düşer!-diýer. Soňam küşdüni ýygnap başlar. Oglam utanar. Ululary sözlerini deň-duşlarynyň eşidýändigine ýer ýarylmaz ol girmez. Ertir olaryň arasyndan degsinjeňrägininiň özüne aýlabrak, degşibem bolsa ejemogly diýäýmegininiň gaty mümkindigine ýüregi gysar. Keýpsiz halda ýüzüni sallap, derwezesiz howlularyna girip barşyna-da özüne söz berer. Ertirden başlap ýeke gezegem kakasy bilen küşt oýnamajakdygyna, asla gün ýaşandan soň gädiklerindäki çyraly sütüniň aşagyna çykman öýde telewizor görüp oturjakdygyna…
…Emma ertesi gün kakasy küşt tagtasyny goltuklap köçä ýönelerem welin, ýene-de öýde oturyp weji bolmaz, içini it ýyrtyp başlar. Ahbetinem karary ýetmän kakasynyň yzyndan eňer. Ýene-de gezegi ýetip küşt tagtasynyň başynda gögerer. Ýene-de

garşysynda kakasy. Ýene-de “küşt saňa”. Ýene-de “ýatdy şahyň”. Ýene-de “tur küşdüň başyndan”. Ýene-de “Bar oglum, gitdejik, ejeňden küşt oýnamagy öwrenip gel”. Ýene-de çyzgy çyzylýan galama-da, ekin düýbi ýumşadylýan kätmene-de, ulag bejerilýän açara-da, küşdüň çöpüne-de, başga-da köp-köp zatlara-da deň-derman ezber erk edip bilýän mähriban adamyň göwünlik berýän terzde başyny sypaýan mähriban elleri. Ýene-de barybir özüniň günde ýeňilýändigine, özüni günde ýeňýäne öýkesi ýazylmaýar. Ýene-de oýnamazlyk-çykmazlyk-görmezlik-barmazlyk we hiç haçan hakynda özüne berilýän ömürbaky bozulmajak wada. Ýene-de ertesi gün iňrik garalandan soň öz-özünden ýanýan sütünçyralary…

…Ine-de günlerde bir gün onuň ähli özüni, tutuş durky-düýrmegini haýrana goýup, ol utaýýar. Hawa, hawa, ýa demrinden ýa kömründen, ol hakyýt utaýýar…Ýöne…

…Ýeri utupsyň, taň edipsiň, garaşyplar, ölüpler ýeten pursadyň bolanda-da, barja begenjiňi içiňe sal-da, lalyňy bir açyp otursaň bolmaýarmy?!…Ýöne…

…Munuň ýaly pursatda lalyňy açylyp oturylýan ýaşa “on ýaş” diýilmeýän ekeni. Çakymyz çak bolsa, beýle ýaşa “azyndan kyrk-kyrk bäş ýaş” diýilýän bolmaly… On ýaşda bolsa beýle arzyly üstünlige ýetilse, hasam ol taýýarlyksyz haldakaň, üstüňi oslagsyz, güpür-tapyr etse…Onda… Ýyldyzlar-a hut seniň diňe ýekeje özüň üçin dogýar, başy asmana ýetip duran benijanlary gerşinde göterse-de bili döwülmedik beggaýratly Zeminiň ähli togalagam diňe seniň daşyňda pyrlanýar. Biohimiýanyň kanuny şeýle. Gögele kelläň bolsa mähnet togalagyň towlanyşyndanam bäş esse beter aýlanýar. Oglanyňkam şeýle boldy. Oglanjyk üçin ýeňşi garaşylmadyk bolşy ýaly kakasy üçinem ýeňlişiň şondan enaýy däldigi ýüzünden bildirip durdy. Emma bu mahal ogul atasynyň keşbinden okar ýaly däldi. Gündeki özüne diýilýänje, diliniň ujuna münüp duranja sözleri, manysyny seljermän eňterdi-de goýberiberdi:

-Kaka, senem bu gün git-de, ejemden küşt oýnamany öwrenip geläýsene!

Kakasynyň ýüzi boz-ýaz boldy. Töwerekdäkilere dym-dyrslyk aralaşdy. Bada-badam oglanjygyň ýüzi kakasynyňkydan on esse

beter garaört boldy. Edil ýöne ýalyn çabrana döndi. Öz sözleriniň manysy, olary gepläp tamamlamanka aňyna ýeten oglanjyk, kellesini boýnuna ýygyrdy-da, ýere bakyp, düýrükdi. Özüni oturan ýerinden çiň arkanlygyna zyňyp goýberjek şarpyga sadyklyk bilen, sabyrsyzlyk bilen garaşdy. Çünki şarpyk degenden soň, birdenkä, ýeke pursatda durarlygy galmadyk bu jelegaýlardan garaňy saýlamaga bahana tapyljakdy…
…Birdenem…Gündeki öwrenişilen mähriban elleriň başyny sypaýandygyny duýdy. Assyrynlyk bilen gözlerini göterende özüne garşy mähirli garaýan goňrumtyl gözler bilen nazary çaknyşdy. Kakasy gülümjiräp duran gözlerini garagolluk bilen gypyp goýberdi-de, onuň garaja saçlaryny buýr-bulaşyk edip, gaýtadan sypady:
-Aý näme, öňem-ä ejeňden öwrenip ýören zadymyz köpdi welin, küşdem şolaryň biri bolar-da, oglum! Şeýle dälmi?!
Küştçüleriň gapdalynda çaý içip oturan ýaşulularyň biriniň “şyg-şyglap” gülüp ugramagy daş-töwerekdäkileriň hemmesine, gury oduna otluçöp degrene çalymdaş täsir etdi. Ala-pakyrdy bolşup gülüşýänleriň arasyndan ýene-de şol bälçigrägi seslenmän durup bilmedi:
-Pylan kaka, öňem-ä küştde hijimize ýeň bermeýädiň weli, ind-ä sapagyňy gaty aňyrdan – gelnejemden alyp geleniňden soň-a saňa asla-da taý tapylmaz!
-Hä, hawa inim, ine häzir öýe baraga-da gelnejeňe: “şü Pylanyň dili ýaman uzapdyr, erte irden öýlerine git-de gelnimize oňa nähili edep-terbiýe bermelidigini bir öwredip gaýt” diýip maslahat bereýin. Onsoň ikimizem öýmüzde sapak alar oturarys, men-ä küşt sapagyny, senem edep sapagyny. Onsoň kimiň-ä küşt hünärine, kimiňem edebine taý tapylmajakdygyny görüp-bakaýarys!-diýip kakasam gep alyp galmady. Bälçik ýigit:
-Äý ýo-how, Pylan kaka, munyň karam bolýa! Gaýrat et-de, ýeňseden, Hywa gapdaldan urma beýdip!-diýende köçedeşleriň gülküsi täzedenem bir bat aldy.
Hezillik!

Hekaýalar